# Gündelikden galanlar -22/ dowamy

Category: Çagalar edebiýaty,Filosofiýa,Goşgular,Kitapcy,Magtymgulyny öwreniş,Medisina,Publisistika,Sözler,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025

Gündelikden galanlar -22/ dowamy Öten agşam Çary Kulyýew bilen režissýor Kakajan Aşyrowyň goýan "Göroglynyň öýlenişi" atly spektaklyna tomaşa etdik. Teatryň öňünde Nobatguly Rejebow gyz agtyjagy bilen duran eken, onuň bilen görüşdik. Birsalym gürrüň edip otyrkak, teatryň hudožnigi ýigit geldi. Soň Kakajan geldi.

Kakajan bir wakany gürrüň berdi: Nobatguly öýe geldi. Keýpi ýok. Işleýän edarasyndan zeýrendi. Şonda men oňa: "Ruhdan düşme, ýagşylyk et, derýa okla, balyk biler, balyk bilmese Halyk, Halyk bilmese saryk" diýip, aýtdym diýip gülüşdirdi. (Nobatgulyň özi saryk-da)

Oýun gutarandan soň, Orazguly Annany halk ýazyjysy diýen ady bilen gutladym. Atamyrat Atabaýewe, 80-nji ýyllaryň ahyrlarynda Könekesirde bile düşen suratymyz bardy, görsem gowşyryn-da diýip maşynyň bardoçogynda göterip ýördüm, ony berdim.

Kömek Kuly bile salamlaşdyk. Berdi Bäşimi esli wagt görmändim, onuň bilen gujaklaşyp aldyk.

Spektakl o diýen göwnümize ýaramady. Kakajany gutladym, ýöne eser entek bäriden gaýdýar. Oýna tomaşa etmäge ýaşuly adamlaryňam birtopary gelipdir. Biz olary oturan ýerimizden, 2-nji gatdan synladyk.

Agajan Geldiýewiç Babaýew, Aşyr Mämiliýew dagam gelen eken. Nury Halmämmediň aýaly hem gelipdir. Garranlygy görnüp dur.

* * *

Ýaňy men "Gyzlar köçe süpürýärler" diýen goşgy ýazýardym. "Azatlyk" radiosyny açdym weli, bir gyz okaýan wagtlary

mekdebiň golaýyndaky köçeleri süpürdendikleri barada gürrüň berip oturan eken.
Geň galan zadym, men-ä şo temadan goşgy ýazýan, şo wagtam radioda şo temadan gürrüň edip oturan ekenler.

* * *

Düýn Aşyrguly Baýryýewe dükanda gabat geldim.
Gürleşip durduk. Amanmyrat Bugaýewden gaty zeýrendi. “Ýogsam ony özüm işe ýerleşmäge kömek etdim” diýýär.

26. 11. 13.

Şu gije düýşüme Orazgül giren ekeni. Elinde-de gyz bäbegi. Meni telewideniýä goşgy okamaga çagyrypdyrlar, “sygmadyň” diýip yzyma gaýtarypdyrlar. Gelsem, öýde Orazgül. Oýanypdyryn.

* * *

Şu gün – Orazsähet Hajymyradyň üçi güni Gurban hojany gördüm.
–Oglan wagtym Aşgabatdan Babaraba çenli pyýada gidip-gelýärdim. 14 ýaşda Atda ahundan sapak aldym – 2 ýyl, 8 aý. Ahun pyýada gatnaýanymy bilip, käwagt bir manat, iki manat berýärdi. 28 ýylyň dowamynda sapak alan adamlarymyň sany 32. Çary ahunyň öňünde sapak alan Orazly ahuny hem gördüm. Men ondan “Sen ony göreňde näçe ýaşyndady?” diýip sorasam, ol “96 ýaşyndady” diýdi. Ahun Babadaýhan etrabynda ýaşapdyr.
Häzirki sapak alyp oturanym 75 ýaşynda – diýdi.
Gurban hoja, ýalňyşmasam, 45 ýaşlarynda bolmaly.

27. 11. 13

Şu gije düýşüme ilki şahyr Ata Atajanow, soňam ýazyjy Gurbandurdy Gurbansähedow giripdir. Ikisi bilenem salamlaşypdyryn.
Gurbandurdy aganyň egninde goýy gök kostýumy bar eken.

04. 12. 13

Ýazyjy Atajan Tagan jaň etdi.

– Täçmämmet Jürdekow jaň edip, “Tanadyňmy?” diýdi. Menem “ýok” diýsem, “Aý, sen indi adam tanamagy goýupsyň” diýdi. Men “Wah, adam jaň etse, tanajak-la” diýdim diýýär.
Aradan salym geçmäke, Atajan ikinji gezegem jaň etdi. 80-nji ýyllaryň ortalarynda özüniň şo döwürde çap edilen kitabyna ýazan synymy ýatlady. Syn “Sowet Türkmenistany”gazetinde çap edilipdi.
– Şo döwür hem meni gorapsyň, indem gora – diýip degişdi. “Gora” – diýýänininiň sebäbi men onuň öz haýyşy bilen dagda bitýän derman ot getirmelidim. Düýn dükanda ýazyjy Tirkiş Jumageldiýewe gabat geldim. Hal-ahwal soraşdyk.

05. 12. 13.

Orus bazarynda, şu gün şahyr Sapar Öräýewe gabat geldim. Salamlaşdyk. “Her gün ýatamda Kerimiň aýdýan çarlak guşuny diňläp ýatýan. (“Deňiz guşum” – sözleri meniňki, sazy Döwletgeldi Ökdirowyňky) diýdi. “Il içinde Sapar Öre hiç kime kömek sorap ýüz tutanok. Hiç kime boýun egenok” diýen gep eşitdim. Maňa şu bolýa” diýdi.
– Sapar aga, näçe ýaşadyň? – diýip sorasam,
– 82 ýaşymda. Horluk köp görlendir – diýdi. Aýaly Arzygül gelneje bir gapdalda duran eken. Men ony görmändirin. Onuň bilen salamlaşdym.
– Sapar aga, bu gezek ýeke özi-le? Geňem gördüm – diýdim.
– Öýe gel. Mir-6-da ýaşaýan. Öňki ýaşaýan ýerimizdäki jaýlary ýykdylar. Bizem göçürdiler – diýdi. Şeýdibem hoşlaşdyk.
Sapar aga, garrylykdandyr-da, örän horlanypdyr.

* * *

Çary gürrüň berýär: Atajan Tagan “Edebiýat we sungat” gazeti üçin makala ýazypdyr. Redaktor Atajana: „Makalaňy berjek, ýöne sen bize hekaýany nähili ýazmalydygy hakda-da bir makala ýazyp ber – diýipdir. Onda Atajan Tagan:
– ( Adyny tutup), Men Pylany Pylanyýew ýaly bolmaly-da. Ol-a bolmaz – diýip çykyp gaýdypdyr.

26. 12. 13

Şu gün institutyň alymlar geňeşinde Jemile Orazowanyň rubaga bagyşlanan ylmy işine seretdiler. Synçylar çykyş etdiler. Munda beýleki rubagyçy şahyrlar bilen bilelikde meniň hem ýazan rubagylarymyň ylmy derňewini edipdir.
Mundan öňki alymlar geňeşinde Akgözel Mukymowanyň Garaşsyzlyk döwrüniň oçerkleriniň mazmun özboluşlygy hakda ýazan ylmy işiniň bir baby meniň taryhy-publisistik oçerklerim hakda.
Institutyň ylmy işgäri Nurnabat Gurbangulyýewanyň Garaşsyzlyk döwrüniň publisistikasy hakda ýazan kandidatlyk dissertasiýasynda-da meniň şol taryhy oçerklerim hakda giňişleýin gürrüň edipdir.
Konserwatoriýanyň uçurymy Nurmyrat (familiýasy ýadyma düşenok, saragtly Berdi Töräýewiň agtygy) meniň aýdym döredijligim hakda diplom işini ýazdy.
Birki günlükde bolsa milli kitaphananyň işgäri Güljana meniň 65 ýaşym (şu ýylyň 15-nji iýuly) mynasybetli gollanma ýazmagy tabşyrypdyrlar. Ol geçen ýyl medeniýet institutynyň kitaphanaçylyk bölümini gutarypdyr. Meniň döredijiligime belet.
Köp zatlardan habarly.
28. 12. 13

Şu gije düýşüme Gara Seýitli giripdir. 20 manat berip, maňa howlusynda şondan artyk iş etdirmekçi bolýan eken. Men “etmerin” diýýän. Ol haýbat atyp, gorkuzjak bolýar diýýän.
Düýşüme ýene aktrisa Sabyr Ataýewa giripdir. Gyş, gar bar diýýän. Ýükli maşynyň üstünde biz. Gažaň töwerekleri. Şopuram žurnalist Saparmyrat Gurbanow eken. Saparmyrat bilen bile “Mydam taýýar” gazetinde işläpdik. Ol ir – 40 ýaşynda ýogaldy.
Irden turup, ölen adamlar düýşüme näme üçin girýärkä diýip keýpim bozuldy. Soňky döwürlerde nämüçindir ölümi ýygy-ýygydan ýatlaýan.
Düýn Baýjanlar Moskwadan – onkologiýa institutynda bir aý töweregi bolup geldiler. Keýpi ýok.

01. 01. 2014 ý.

Öten agşam – Täze ýyl agşamy ýazyjylar Sapar Öräýewi, Tirkiş Jumageldiýewi, Hudaýberdi Diwangulyýewi gutladym. Tirkişiň keýpi gowy. “Nädip jaň etdiň, indi ýagdaýlar gowulaşar” diýdi. Menem “Her ýyl gutlap, jaň edýän-ä” diýdim. “Ýok, bilýän-le” diýip degişdik.
Sapar Öre “Her gün agşam, ýatmazymdan öň Kerimiň (K.Gurbanalyýew – A.Ç.) aýdýan “Çarlak guşumy” (“Deňiz guşum” – sözleri meňki) diňläp ýatýan” diýip inime aýdypdyr.
Meredem, Aşyram bulary gutladylar.
Tirkişi gutlap, telefony Aşyra berdim, Hudaýberdi bilen gürleşensoň, Meret ony gutlady.
Bulardan öň gündiz Serdar, Merjen, Melike geldi. Çişlik bişirip berdim. Soň öýlän Resul bilen dosty, soň Pirnazar geldi. Bişiren çişligim olara ýarady.
“Restorana baraňda zakaz edýäň, gurak bolýar. Allaýaryňky ýaly, soçnyý bolanok” – diýip, Pirnazar aýtdy.
02. 01. 2014

Birki ýyllykda Kakabaý Ataýewi glawlitiň başlygy wezipesinden aýryp, ýerine orunbasaryny – bir ýaş ýigidi goýupdyrlar. Ondan öň ol “Türkmenistan” gazetiniň materiallaryna gözegçilik edýän eken. Şo döwürlerde gazetde bir materialda “Garyp sen ýyglama şir dek bolar sen” diýen Magtymgulynyň setiri getirilipdir. Şonda ýaňky gözegçi “Häzir bizde garyp barmy?” diýip, gazet sahypasyndan materialy aýyrjak boldy – diýip, togy tölemäge baramda kassada duşan gazetiň işgäri gülüp gürrüň berdi.

* * *

Düýn edarada nobatçy duramda garawulymyz Gurban: – Bir gezek bir toýda aýdymçydan halk aýdymlaryndan aýdyp bermegini haýyş etdim. Ol oglan “Halk aýdymy bolanda nähili bolýar?” diýip sorady. Menem “Ine, mysal üçin, “Ak ýüzli maralym”, “Derdiňden”, “Bidert ýarym” diýip, dört-bäş sany halk aýdymynyň adyny agzadym. Ýaňky sazandasynyň ýanyna baryp “Biderek ýarym” nähili aýdym bolýar-a!” diýip sorady weli, bar keýpim gaçdy – diýip gürrüň berdi.

05. 01. 14.

Indi köp wagtdan bäri türkmen edebiýatynda tankyt, garşylyk ýaly edebi terminler ulanylmaýar. Meniň işlän institutymda edebiýat teoriýasy we tankyt, edebi gatnaşyklar bölüminiň ady şu zerarly üýtgedildi: tankyt sözüne derek serenjam sözi girizildi. Teoriýany hem türkmençeleşdirip nazaryýet diýdiler. Täze ýylyň başlanmagy bilen täze temalar tassyklanylýar. Çary Kulyýew gyzlaryň birine çagalar edebiýatynda garşylygy açmak diýen ýaly bir temany salgy berse, institutyň Allaberdi Orazow diýen bir işgäri "garşylyk" sözi birhili eşidilýär" diýse, temany direktor aýyrmaly edipdir. Soň ertesem "Çagalar edebiýatynyň filosofiýasy" diýip temany atlandyrypdyrlar.

09. 01. 14.

Ýaramajak bolýan diýip işden galdym. Gündiz düýşümde ejemem, Orazgülem gördüm. Şu gün güýçli magnit gün diýdiler. Gijeki düýşümde-de Orazgül. garry enem hem barmykan diýdim.

11. 01. 14

Düýn medeniýet institutynyň rektoryna, radiotelewideniýe ministrine käýinç berildi. "Ýaşlyk" kanalynyň başlygy B. Abaýew diýen ýigidi işinden boşadypdyrlar.

19. 01. 14

Aýdymçy Möjek Ataýew aýagyny agyrdyp, gipsde ýatyr. Çary Kulyýewe jaň edip, telewideniýede çykyş etmegi haýyş edýär. Özüniňem ýarawsyz ýatandygyny aýdýar. "Näme boldy?" diýen soraga "Gipsde ýatyryň. Munda Allaýaryň obadaşynyň aýak yzy bar" diýip gülüşdürýär (obadaşy diýeni onuň aýaly Gyzylarbat tarapdan ).

* * *

Çülüde, zapowednigiň golaýynda bir çäre geçirilende Möjek Ataýew hem bar eken. Ol ýadap zapowednige tarap ýönelende medeniýet ministri aýal "Möjek aga, o tarapa ýöremek bolanok.

Häzir çäre başlanýar” diýipdir.
Şonda Möjek oňa: “Meň öz öýümize barýan” diýipdir. Ministr birbada düşünmändir. Düşündirenlerinden soň hezil edip gülüpdir.

* * *

Bir dilçi mugallym janyny ýakan student gyza “Wah, jan, gyzym, kakaň bolaýyn” diýip aýdýan eken.

19. 01. 2014

Ýaňy ýazyjy Atajan Tagan elime jaň edip, “Allaýar, erbet habar aýtmakçy bolup jaň edýän. Kaýum aga ýogalypdyr. Ertir sagat 10-da çykarýarlar. Gatnaşjak oglanlara-da aýdaý” diýdi.

20. 01. 14.

Kaýumy iň soňky ýoluna ugratdyk. Adam kän, 1929-njy ýylda doglan. Diýmek, 84 ýaşynda bolmaly.
Gaýdyşyn ýolda Atajan Tagan pyýada gelýän eken. Maşyny saklap, ony maşyna aldyk. Öňde Ahmet Mämmet otyrdy. Yzda Çary Kulyýew. Atajan ýolda iki otagly jaýyny elinden aljak boluşlaryny gürrüň berdi.
Jaýy satan adam moşennik eken. Atajandan soňam bu jaýy Maryda başga birine satan bolmaly.
– On ýedi ýyl ýaşan jaýymyzy aljak boldular. Hiç kimiň haýry degmez diýdiler. Ýogsam biz alty bolup iki otagly jaýda ýaşaýas. Menem, alyp Wiktor Mihaýlowiç Hramowa, öňden çala tanyşlygym bardy krutoý hat ýazdym. Şol kömek etdi – diýdi.
Sud geçip duran wagty, bir oglan gelip, sudy saklady. Prosesi başga bir etraba geçirip, başgaça çözdüler.
Gyzym soraýar: – Kaka, nämüçin biz garyp ýaşaýas – diýýär.
Menem: – Gyzym, sen Dostoýewskini okadyňmy? – diýdim.
– Hawa – diýdi.
– Ine, biz Dostoýewskiý. Olam ömrüne pulsuz ýaşap öten adam – diýdim.
Bir gezek bir baý tanşym jaň edýär. “Näme edýäň? – diýip soraýar. Men “Agşamlyk, kartoşka gowurýan” diýsem, geň galýar.

Seň kartoşka bişirip, arkaýynçylykda iýip bilýäň. Sen bagtly adam” diýýär. Biz bolsak, öýümize tarap bir milisioner ýöresede howsala düşýäs. Biziň üçin gelýän ýaly bolýar – diýip aýtdy.
Atajany Işine taşlajak bolsam, “Ýok, bolmaz, awtobusa alan proýezd biletim köýer” – diýýär.

23. 01. 14

Şu gün Moskwada Baýjana operasiýa edýärler. Operasiýa irden Moskwa wagty bilen sagat 10-da başlanypdyr. Şu setirleri ýazyp otyrkam, ýerli wagt bilen sagat 1715. Ýaňyrak Baýjanlaryň öýüne jaň edip sorasam, “Ýarym sagat boldy Moskwa bilen gürleşenimize, henizem operasiýa dowam edýär” diýip aýdypdyrlar.
Ýaňy Serdara jaň edip bildim, operasiýa tamamlanypdyr. Ol 8 sagat dowam edipdir

02. 02. 14

Ýanwaryň 31-ne (2011) ejemiň ýogalan güni. Öňňün (31. 01. 14) sylap ýören adamlarymyzyň biri, Meläniň agasy Ýazow Badaýew (doglan ýyly 1936, pasportynda 1937) aradan çykdy. Ondan öň 4 ýyl dagy düşekde ýatdy. Aýaly häzirem düşekde. Aýagyny 65 satimetr . dagy kesipdirler. Keselhanadan getiren ekenler. Dawleniýe pese gaçyp ýene hassahana äkidipdirler. Şo ýerde-de jan beripdir. Dawleniýe Meläň aýdyşy boýunça 60-da 30 bolupdyr.
Düýn jaýladyk. Çoganlyda. Howa gaty sowuk boldy. 12 gradus – minus. 31-ne agşam, gijesi bilen gar ýagdy durdy. Gonamçylykda zordan çydap bolýar.

* * *

Guwanç düýn bir zady gürrüň berdi: Zawodda Osokin diýip bir işçi bilen bile işläpdir. Şol adam işine gaty ökde eken. Ýöne içýänem eken. Ine, şol ussa aýlap diýen ýaly zawodyň baş inženeriniň öýünde işleýär eken. Bir gün şoň öýünde işleýärkäm, Osokin kompot gaýnatmak üçin üljeden, erikden,

almadan 3-4 sany miwe ýygnap, howludan çykyp barýarka, hojaýynyň aýaly ony görüp, it masgarasy edipdir.
Osokin şondan soň zawoda gelip, “Men indi hiç kimiň öýüne baryp işlemen” diýip söz beripdir. Piwo, arak satyn alyp, öýünde gapysyny hem çüýlän, ýeke özi. Zapoýa gidipdir. Birküç günden soň ony gözläp, öýünden tapypdyrlar. “Men zapoýda” diýse-de, zawoda getiripdirler. “Men zapoý” diýse, ol bir hepdeläp hiç kim oňa azar bermeli däl eken. Soň öz-özünden açylýan eken. Zawoda getirenlerinde, ýaňky hojaýyn “Sen alkaş, gutaran adam” diýip, onuň ýüzüne şapbat çalypdyr. Şonda Osokin “Senem, aýalyňam twary. Siz erbet adam” diýip aýdypdyr. Barybir ony stanogyň başyna getirip, “işlet” diýipdirler. “Stanok döwük, işlänok” diýip näçe aýtsa-da, oňa ynanmandyrlar. Ol ahyry işletmäge mejbur bolupdyr. Tarlap işländenem onuň her zady bir ýere zyňlyp gidipdir. Hernä onuň özüne hiç zat bolmandyr.
Gelip ýene onuň üstüne gygyryp başlaýarlar. Ol ýene içmäge mejbur bolupdyr. Zawoddan çykyp, 10-15 metr ýöränden ýykylypdyr. Milisionerler ýatan adamy görüp, süýräp başlapdyrlar. Biri “Şonuň jany barmy?” diýip aýdypdyr. Görseler ýagdaýy agyr. “Tiz kömegi” çagyrypdyrlar. Hassahana ýetmänem ölüpdir. Iň soňky sözi Osokiniň “Men günäkär däl” bolupdyr. Alkaş bolsa-da adamyň göwni gaty näzik. Şol aýal onuň göwnüne nähak degmedik bolsa, belki, beýle bolmazdam.
* * *

Ýazow bilen baglanyşykly käbir wakalar:
1999-njy ýylda Orazgül maşyn heläkçiliginde ýogaldy. Turan bolnisada. Serdaram şo günler böwregi heläk edip, bolnisada. Şo günleriň birinde müň alada batyp, maşynly Änewe (şo wagtlar Änewde ýaşaýardyk) barýardym. Narhoz institutynyň swetoforyndan gyzylda geçip gidipdirin. Gaişnik saklady. Şo wagtam yzymda maşynyny saklan Ýazow göni gaişnigiň ýanyna ylgap gelýär. “Degmäň bu oglana, degmäň” diýip. Bolan wakalary aýdansoň, gaişnigem adam çagasy eken. Jerime zat etmän, “gidiber” diýdi.

* * *

Bir gezegem Ýazow “Allaýar, inim, men seni bir ýerde gaty öwendirin” diýdi. Soňam öwüşini aýtdy: “Allaýar, nohurlam bolsa gül ýaly ýigit” diýip aýtdym – diýdi. Menem degşip: “Agam, sag bol, ýöne işim-ä gören ekeniň” diýdim. Gürrüň berende Mele-de bardy. Olam hezil edip güldi.

* * *

Student döwrüm “Gel, obamyň lälesi” atly aýdymy ýazypdym. Günde-günaşa biz Meleleňkide. Ýazow şonda:
– Seni öwendirin. Anikine aýtdym – 22 sany aýdymy bar – diýdim.
Ýogsam meniň bary-ýogy bir aýdymym bardy.
Lelýoçenkomydy ýa-da Anikinmidi, Ýazow SK komsomolda ikinji sekretary gatnadýardy.
Anikin soň Moskwada general-leýtenant hem bolan eken.
05. 02. 14

Şu gün Sagdyn jemgyýet gullugynyň işgärleriniň öňünde Magtymguly Pyragy bilen baglanyşykly çykyş etdim. Çykyş öz göwnüme ýarady. Magtymgulyny öwreniş taryhyndan olaryň ozal eşitmedik zatlaryny gürrüň berdim. Muny prezidiumda oturan alypbaryjy ýigit hem aýtdy. Duşuşykda Süleýman Süleýmanow, Çary Ataýew dagy çykyş etdiler. Çary Ataýew altmyşynjy ýyllaryň başlarynda Moskwada oba hojalyk ugrundan okapdyr. Şo wagtlar Litinstitutda okanlary tanaýar. Atajan Tagan, Tura Gurbanowa, Orazmyrat Tüýli we başgalar.
Süleýman şäher dempartiýasynyň sekretary.

11. 02. 2014

Şu gije Oraz aga Nepesow düýşüme giripdir. Medeniýet ministri Gunça Mämmedowa jaň edip, bir meselede maňa kömek edýärmişin.
“Magtymguly hakda aýdym ýazjak. Goşgy gerek” diýensoň goşgyny ýazyp, kompozitor Gurbandurdy Çaryýewiň işleýän ýeri – ýöriteleşdirilen sazçylyk mekdebine bardym. 310-njy otag. Aýdymyň sazyny çalyp berdi. Gowy. Soň gürleşip oturdyk.

– Men Pionerler köşgünde işleýärkäm, Kerim Gurbannepesowyň "Saňa", "Ýar-ýar" diýen goşgularyna saz ýazdym. Kerim aganyň öýlerine jaň etdim. Trubkany özi aldy. Özümi tanyşdyrdym, näme üçin şahyry birahatlandyrýanymyň sebäbini aýtsam, Kerim aga "Wah, öýde bir köne dutar bar. Oňam bir gulagy ýok, beýlekisem poslap ýatyr. Ýöne nirede diňletjek diýseň bararyn" diýdi. Wagtyny gepleşip, Pionerler köşgüne gelmeli etdik. Bellenen wagt Kerim aga geldi "Ýüregim agyrýar" diýse-de, ikinji gata ýuwaşlyk bilen çykdy. Çalyp berdim. Ikinji gezegem "çal" diýdi. Üçünji gezek özem hiňlenip başlady.
Aşak düşemizde ýarym-ýalaňaç gyzlary – ýaş balerinalarymyzy görüp, "Häý, Gurban Çary, nirede işlemelidigini bilýän ekeniň" diýen ýaly äheňde degişme etdi. Pahyr şondan birki aýdan soň ýürekdenem ýogaldy.
Köşkde Myrat Gulow diýip bir ýaşuly işleýärdi. Adamlaň üýşen ýerinde "Gurban bilen oýun etmäň, Kerim Gurbannepes ýaly adamlaram onuň çakylygyna gelýär" diýip, meni götergileýärdi.

* * *

Gurbandurdy Çary bagşy Aman saçlyny gören eken.
– Oglan wagtymyz öýümize gelýärdi (Baýramalyda). Kakamyň iň gowy gören bagşysydy.
Pürli agaň geýýän telpegi (papagy) ýaly telpek geýýärdi.
Bir gezek öýe gelende kakama: " Döwleti hem (öz ýalňyz ogly, ogullygy) okuwa saldyk (ýalňyşmasam, politehniçeskä), üç bolup bardyk. Herimiz bir birlik aldyk. Jemi üçlük bilenem okuwa girdik" – diýip gülüşdirdi.
Ogullygy Döwlet gyzyl ýaly oglandy. 2-nji kursda awariýada ýogaldy – diýdi.
Aman saçlyň Gurbanyň aýdyşy boýunça başga çagasy bolmandyr.

17. 02.14

Düýn Gurban Agalyýew jaň etdi: ýakymsyz habar – diýdi. Durdy Baýram bäşinji gün (15. 02. 14) bagyrdan ýogalypdyr. Subbota jaýlapdyrlar. Kesel birki aýda etjegini edipdir.
Ýatan ýeriň ýagty bolsun, ussat!

Munuň ýaly päkize adamlar jahana seýrek gelýändir.

* * *

Bäşinji gün (15. 02. 14) Atajan Tagan jaň edip, “Kitabymy çykarjak bolýarlar. Blokwil hakdaky powestimde gajarlar diýen ýeri bar. Şo sözi aýyrmaly diýýärler. Näme söz bilen çalşyp boljak? Ýokmy ýaşuly taryhçy dostlaň. Özüňizde şony bilýän adam ýokmuka! – diýip sorady. Men o söze derek şo manyny aňlatjak sözi tapyp biljek adam ýok – diýdim. “Gaýrylar”, “kesekiler” diýseň bolmazmy diýsem, onda ol özbekleri aňladar – diýdi.
Men “Aýyrmaly” diýseler, aýyrmaly borsuň” – diýdim. O sözi aýyrsaň hem taryhy dokumentallyk ýitip gidýär.

18. 02. 14

Şu gün Kakajan Täçmyradow jaň etdi.
– Ýaňy “Gel, obamyň lälesini” diňledik. Ýanymda oturan oglan-gyzlar saňa köp sag bolsun diýip aýdýarlar – diýdi.
Kakajan bilen bile uniwersitetde, umumy ýaşaýyş jaýynda bir otagda ýaşapdyk. Ol döwürler “Gel, obamyň lälesiniň” ýörgünli aýdylýan wagtlarydy.
Soň Kakajan Babadaýhan raýon gazetine köp ýyl redaktorlyk etdi.
Häzir, ýalňyşmasam, telewideniýäniň Ahal welaýat boýunça habarçylaryň biri bolup işleýär öýdýän. Ol Baýram Hudaýnazarowy sorady. Baýramy men birki ýyldan bäri göremokdym.

* * *

Elimdäki telefony açsam “Aba däde jaň edýär” diýen tanyş ses eşidildi. Filologiýa ylymlarynyň kandidaty, ýaşuly alym Aba Gylyçdurdyýew Magtymgulynyň öňünde diwan goýup okaýan zadynyň (stol şekilli zadyň) adynyň nämedigini sorapdym. Ol şonuň ady “lowh” diýdi.
– Bizi uniwersitetde okamyzda latyn dilinden Loşak diýen adam okatdy. Ol taryh fakultetiniň dekany hem bolupdy. Aýaly

medintitutda okaýardy. 100 ýaş töweregi ýaşady öýdýän. Bir gezek medinstitutyň ýanyndaky larýokdan bile apelsin satyn alamda, elinde hasa ýokdy.
Auditoriýada aldygyna müştükli çilim kükedýärdi. Birini öçürip, birini ýakýardy.
Ine, şol adam latyn diline ökdedi. 4-lükden ýokary baha goýmazdy – diýip, Aba aga aýtdy.
Geçmişde nähili adamlar ýaşap geçipdirler. Şolaryň köpüsi hakda biz hiç haçanam hiç zat bilmeris. Şeýdibem taryhymyz kämil bolman galar. “Şu zatlar öz wagtynda edilmändir” diýibem öz-özümizi ýazgararys.

* * *

Ýaňy Pygam Azymowyň Berdi Kerbabaýew hakyndaky ýatlamasyny okadym. Ol ýetmişinji ýyllarda ýazylan eken. Ol özüne Berdi aganyň ýazgy bilen kitabyny berendigini, ýagny “… Magtymgulynyň uzak şägirdi Kerbabaýew” diýip ýazandygyny aýdypdyr.
“Uzak şägirdi” diýilýärmikä?

20. 02. 14

Şu gün Durdy Baýramyň belli gününe – ýedisine Gurban Agaly bilen göründik. Agajan Geldiýewiç Babaýew bilen görüşdik. Gurban Hallyýewiçi görkezip, “birinji dostudy” diýdi.

* * *

Başga bir sadakada nohurly Baý aga bilen görüşdim (1932-nji ýylda doglan, ýöne pasportynda 1930 diýlen).
– Goçmyrat ahunyň kitaplaryny görüp, ony Nohura Ahmet Çary äkidipdir. Türk bir kitabyna 3 müň dollar bereýin diýipdir. Dünýäde bolsa bu kitap 3-4 sanydyr diýipdir. Kitap satylmandyram, kopiýa etmek üçin berilmändir.
Men Goçmyrat ahunyň uly gardaşy – biziň babamyz Mollaysmaýyl ahunyň hem kitaplarynyň (Sapargylyjyň öýüniň arkasy. Molla Taragyň mellegi) gömülendigini aýtdym. Muny bize garry enem – ahunyň agtygy aýdypdy.

* * *

– Goçmyrat ahuny her gün agşamara der basýan eken. Muny Baý ekäniň oglan döwürleri ahunyň sopusy Hüseýin hoja aýdypdyr. Sebäbini soranlarynda şam wagty adamlaryň çagalaryny mal gözlemäge iberip, soňam “Goçekejan kömek et” diýip dileg edýänlerini, onuňam olaryň her birine kömek etjek bolup azara galýandygyny aýdypdyr.

* * *

–Bir gün ahun öýünde otyrka, özbaşyna ýylgyrypdyr. Sebäbini soranlarynda oturan ýerimiň aşagyndan suwuň içinden bir uly balyk ýüzüp barýar weli guýrugy göze ilenok – diýipdir.

* * *

– Ahunyň agtygy Atajan (uly Atajan – men ony altmyşynjy ýyllaryň ahyrlarynda Öwez agamlaryňkyda görüpdim) Moskwada operasiýa etdiripdir. Wraja näçe berjegini bilmän bukja salyp, şo döwrüň bäş ýüz manadyny beripdir. Aşgabada gelensoň yz ýany bilen bäş ýüz manady wraç iberipdir. Hat ýazypdyr. Biz ony soramaga baranymyzda Atajan şo haty bize-de görkezdi. Wraç hatynda „Ak sakgally, telpekli bir adam düýşüme girip, meni öz günüme goýanok” – diýip ýazypdyr.
“Aý, bolmasa, suratyny hala dokap ibererin-dä” diýip, Atajan aýtdy. Ýöne pahyr haly dokatmaga ýetişmedi. Agyr kesel ony özi bilen äkitdi.

21. 02. 14

Kompozitor Gurbandurdy Çaryýew şeýle zady gürrüň berdi: Bir gün Weli Muhadyň öýüne bardym. Adygül gelneje garşy aldy. “Babaý näme işleýär?“ diýdim. “Öz-ä baý-baýlap ýör” diýdi. “Näme boldy?” diýip, içgin sorasam-da aýtmajak boldy. “Hiç ýerde gürrüň etmen” diýemsoň:
– Ýaňy Nyýazow jaň etdi. “Men Prezident, köpçülikde maňa beýle jogap bermeli däldiň” diýse, Welem: “Inim, Bahdan bäri Germaniýada näçe kansler geçdi” diýip, trubkany goýdy – diýdi.

Kompozitorlary üýşürip, gürrüň geçirende Nyýazow Weli Muhady Weli Ahmet diýip atlandyrypdyr. “Men Weli Ahmet däl, Weli Muhat” diýip, ýaşuly özüne mahsus kesgitlilik bilen aýdypdyr. Şu wakany men Weli aganyň öz dilinden hem eşidipdim. Weli aga bilen gysga wagtam bolsa, onuň pianinosynyň başynda oturyp “Watannama” aýdymyny, “Türkmenistan – bagy-bossan” kantatasyny hem ýazypdyk.
Gurbandurdy bilen “Magtymguly Pyragy” atly aýdymy ýazdyk. “Öten gije ýazgyny tamamlajak bolup, gije 3-e çenli işledim“ – diýdi.
Aýdym erbet çykmandyr. Diskini alyp gaýtdym.

02. 03. 14

3-4 günlükde şahyr Baýram Jütdiýew bilen gabatlaşdyk.
– Soň öýlenmediňmi? – diýip sorady.
Aýalymyň ýogalanyndan habarlydy.
– Menem öýlenmedim. Çagalaň ýanynda-da ýüzli bolýaň – diýdi.

04. 03. 2014

Şu gün institutda 8-nji marta bagyşlanan dabarada goşgularymy okadym: “Zenan”, “Dädem Gorkut”, “Watan”. Gowy gördüler.
Annageldi Jülgäýew öz okuwçylary bilen çykyş etdi.
– Men seni köpden bäri gözläp ýördüm. Gurban jan nähili? – diýip sorady. Gurban jan diýýäni Gurban Agalyýew.
Durdy Baýramy ýatladyk.
– Yzzat Gylyjowyň ýylyny bellediler. Durdy meni “Jipine” mündürip alyp gaýtdy. – Durdy, näçe ýaşadyň? – diýip soradym. – Ýene birnäçe günlerden 76 ýaşaýan – diýdi. – Wagt geçmänem, ine, bu habar. – Gizlin bolmasa, bir zady aýt – diýdi. – Bolýa – diýdim. – Sekretnyý bolmasa, näçe ýaşyňda? – diýip, Annageldi aga menden sorady. Menem tomusda 65 dolýar – diýdim. Ýaş aýaly bilen Aýgül sazanda ,Täzegül Hapyzowa hem ýanymyzdady.
– Birinden sorapdyrlar. 40 ýaş nähili? – diýip.
– 40 ýaş ýaňy oglanlykdan saýlanylan döwür – diýip jogap beripdir.

– 50 ýaş niçik?
– 50 ýigitlik – diýipdir.
– 60 nähili? – diýip sorapdyrlar.
– 60-am orta ýaş – diýip jogap beripdir.
– 70 nähili?
– Aý, şony bir soramaň… – diýip jogap beren.
Ol adamyň özi şo wagt 70 ýaşynda bolmaly. Haly harap bolan bolmaly-da.
– Gurban jany göresim gelýär. Salam aýdawer – diýip galdy.
Dabarada Annageldi "Aýryldym" sazyny, ýene bir sazy, soň "Ýaşlara salamy" çaldy. Halypanyň garranlygy bildirýär. Onuň şu wagt 80 ýaşy dagy bolmaly. Men oňa 50 ýaşynyň ýubileý makalasyny ýazandygymy, şol oçerkiň kitabyma-da girizendigimi aýtdym.
– Be-e, habarym ýok – diýdi.
Bir zat ýatdan çykypdyr. Dabarada A. Jülgäýewe söz berdiler. Çal penjekde. Döşe dakylýan nyşany bolmansoň, onuň döşüne dakjak bolup biraz eglendiler. Ýaşuly "gerek däl" diýse-de, barybir dakdylar. Sebäbi telewideniýe surata düşürýärdi. Menem goňur reňkli penjeklidim. Barsam gapynyň öňünde direktorymyz Gyzylgül Kyýasowa "Senden göwnüm galdy. Näme üçin gara kostýumda däl" diýensoň kabinete baryp, çalşyrynypdym. Ertir irden munuň üçin jogapkär kätibiň göwnüne-de degipdim weli, barybir bir tutan ýerlerini tutup durlar. Nätjek, alajyň ýok. Işläp, gün görjek bolsaň, diýenlerini etmeseň, günüň hor boljak. ,,

08. 03. 14

Mämmet Mollaekäýew jaň etdi. 4 ýyldan bäri düşekde ýatan eken. Ýöne hemaýat isläp gelenlere kömek edýär. Çagasyzlaryň çagasy bolýar we ş.m.
Kakasy Mollaeke Goçmyrat ahunyň okuwçysy bolmaly. Ol 85 ýaşynda 23 ýaşly azerbaýjan gyzyna öýlenipdir. Ogullary (ulusy bilen kiçisi) ikisini hem Aşgabada getiripdirler. Azerbaýjan Mämmediň aýalyna "Bu kişi aýalsyz oňmaz". diýip aýdypdyr.
Birwagtlar "Türkmenistan" gazetinde Hojaahmet ahun hakda

žurnalist Durdy Ataýewiň makalasy çykypdy.
– Şony kesip alypdym-da göçürilip, göçürilip indi öçügsi bolupdyr. Täzeden tapyp bolmazmyka? – diýip, Mämmet aýtdy..
Makalanyň başynda žurnalist maňa salgylanypdyr: Rewolýusiýadan öň Türkmenistanda 33 ahun bar eken. Şonuň üçüsiniň ady häli-häzirem ýöreýär: Mollatöre ahun, Çary ahun, Goçmyrat ahun (Hojaahmet ahunyň sözleri).
Men gazet öňümden çyksa, saňa göçürip bererin – diýip aýtdym.
Mämmet:
– Bir gezek maşynda gidip barýarkak, Geldi Bäşiýew kakamdan: “Ýaşuly, näçe ýaşyňda?” diýip sorady. Kakamam “Adamyň ýaşy soralýan däldir. Doglan ýyly soralýandyr’ – diýdi.
Mämmet bilen gürleşip otyrkak, ol “Näçe ýaşadyň?” diýdi. Men “Tomusda 65 ýaşaýan” diýdim. “Sen näçe ýaşyňda?” diýip, menem soradym. “Senden birneme ýokarrakdyr” – diýdi.
* * *

Jumanazar Mämmedowdan Çaryýar „Meni Jumaguly aga bilen tanyşdyraýsaň – diýip haýyş eden eken. (Jumaguly aga Magtymguly Garlynyň ogly – A.Ç.)
Bir gezek gyzyl “Žiguli” Çaryýaryň deňinde sakga durupdyr.
Ruluň başynda Jumanazar otyr, yzynda-da telpekli bir ýaşuly.
Jumanazar Çaryýary öwmek öwüpdir, tüýdükçi, alym we ş.m.
Çaryýaram oňa: – Men-ä öwdüň, bu otiran ýaşuly bilenem tanyş etmediň – diýse, Jumanazar:
– Bi telpegine … şo tanyşdyr diýip ýören ýaşulyň – diýipdir.
Soň ondan-mundan gürrüň edipdirler.
Çaryýar, şumat ýadyma düşenok, daşhowuzly bir bagşynyň adyny tutup, onuň 6-7 sany çagasynyň bardygyny aýtsa, Jumaguly aga:
– Olaň hemmesi gyjakçysyna meňzäp durandyr – diýipdir. Çaryýaram:
– Çagalary gyjakçysyna meňzemeli bolsa, onda Magtymguly Garlynyň Sapar Beki atly gyjakçysam-a bardyr – diýipdir weli, ýaşuly:
– Munyňam-a ugruna barýar – diýäýipdir.

* * *

Çaryýar Gubadaga baranda Tüýli Otuz bilenem söhbetdeş bolupdyr. –Häzir ol aýakdan galypdyr, göterip getirdiler – diýdi. Tüýli Otuz 1927-nji ýylda doglan eken. Aýaly bagşy Akjagül Myradowa ýogalypdyr.

* * *

Magtymguly Garlynyň 100 ýaşy dabaraly bellenip geçilende saz öwreniji Akmuhammet Aşyr Magtymguly Garlynyň obasyna barýar. Bagşynyň portreti diwardan asylgy dur. Jumaguly aga onuň portretini diwardan asanda çüýi kakasynyň orta maňlaýyndan çüýläpdir diýýär.
Saz öwreniji Jumaguly agadan nämüçin beýdendigini soranda, ol:
– Aý, bu doganyňy ……….. ölenden soňam adamlara iş bolup ýör-ä – diýip degşipdir.

01. 04. 2014
Irden turup, daşaryk seretsem, ýagyş ýagyp, gar sepeläpdir.
Birinji aprel munuň ýaly ýagdaý hemişe bolýan zad-a däl.
05. 04. 2014

1973-nji ýylyň 1-nji sentýabryndan men Moskwada Ýokary komsomol mekdebinde okuwa başladym.
Oktýabrda ýaşlar gazetleriniň we žurnallarynyň redaktorlary biziň okaýan ýerimizde bir aýlyk kursda gelip okadylar. “Pioner” žurnalynyň redaktory Abadan Seýitgulyýewa, “Ýaş kommunist” gazetiniň redaktory Hudaýberdi Diwangulyýew dagam gelipdi. Kämahal leksiýalarda bile oturýardyk. Bir gezek ýazyjy Sergeý Smirnow (Brest galasy hakda ýazan) hem çykyş edipdi. Men okuwa gaýdamda, (meniň ilkinji gezek Moskwa gelşimdi) ýazyjy Hojanepes Meläýew menden bu ýerde ýaşaýan terjimeçisine 3 litrlik bal iberdi. Men onuň ýaşaýan ýerini tapyp, gowşurdym. Öýde garry aýaly bar eken. Muny men Hudaýberdä gürrüň berdim. Olam şol leksiýalaryň birinde Hojanepese bagyşlap goşgy ýazdy. Men goşgyny häzirem saklap ýörün.
Ine, şol goşdy:

Hojanepes!

Terjimeçiň gola saldy “awyny”,
Ondan ýaňa, inim, hatyrjem bolgul.
Çüriň ogly eltip berdi gawuny,
Nädip eltdi, soramagyl, sem bolgul.

Aýaly ýaş diýdiň – gaty garry eken,
Ýüzünde yşnak ýok, baksak mürri eken,
Ýetmiş ýaşan münülmedik kürre eken,
Diýse boljak bu dünýäden kem bolgul.

Terjime etmändir birje zadyňy
Bu habarym, bilýän, ýakar ädiňi,
01-e jaň et-de, söndürt oduňy,
Ýa-da ýan-da, bu dünýeden güm bolgul.

Gawun dolap ýollap setke-horjuna,
Beýdip zadyň etdirenden terjime,
Jüwlüklik et, pul ýetmese harjyňa,
Şeýdip ahyr sud öňünde sömmelgil.

Pes eseriň haýran etmez Iwany,
Maslahat az iç-de, arak-piwäni,
Oňatja ýaz, dogry tut-da “hywany”,
Uklamaga gijiräjik ommalgyl.

15.10.1973. Moskwa

* * *

Ýene bir goşgy. Bulam Hudaýberdiniň galamyna degişli.

Aýalyma hat

Ýalta heleý onda nedir ahwalyň,
Ýalta diýsem, hapa bolmagyň mümkin.
Gazabyňa münüp, üýtgedip päliň,
Pyçakly yzymdan gelmegiň mümkin.

Sen deý heleý ýokdur jahan ýarsynda,
Gazagynda, galpagynda, orsunda,
Saturnda, Wenerada, Marsynda,
Diýsem, içiň tutup gülmegiň mümkin.

Sözleriň bar – şerebedir-duzmudyr,
Giç gelsem, ýüzüňde öwsen buzmudyr,
Ýa şofýorym on bäş ýaşly gyzmydyr,
Igenjiňden gurap, solmagym mümkin.

Meskew ili senden daşdyr, yrakdyr,
Yzym yzlap tapjak gümanyň ýokdur,
Gyz-gelin köp: sary, garadyr, akdyr,
“Wremýa” seretseň bilmegiň mümkin.

Alty gyz ir bilen elim ýuwdurýar.
Bäş perizat eşiklermi geýdirýär.
Ýedi gelin gelip nahar iýdirýär,
Görseň içiň ýanyp, ölmegiň mümkin.

Beýle diýsem demir donuň geýme sen,
Otur öýde çagalarňy güýme sen,
Warsakydyr – bu sözlerme uýma sen,
Uýsaň barsam saçym ýolmagyň mümkin.

Saçym ütseň, başym takyr kelle bor,
Şeýle kelle Gurbangeldi kelde bar,
Tomus başa oradygym selle bor,
Ýa-da gara mazut çalmagym mümkin.

Şeýdip, köp okadyp – gaýgyrmasalar,
Okýanlaň kimdigin saýgarmasalar,
Ýene on bäş günden goýbermeseler,
Walla, orslaň birin almagym mümkin.
06.10.1973.

* * *

1982-nji ýylyň 19-njy mart güni Metbugat öýüne girilýän ýerde

Hudaýberdä gabat geldim.
— Allaýar, seň kompozitor dostlaň kän. Şuny aýdym etdirsene — diýip, goşguly kagyzy elime tutdurdy. Okap görsem, ol öz ýegre dosty şahyr Italmaz Nuryýewe bagyşlanan degişme goşgy eken. Men o goşgynam aýawly saklap ýörün.
Ine, şol goşgy:

Italmaza

I

Şahyr bor — adam bolmaz,
Ata bor — dädem bolmaz,
Türşek bor — badam bolmaz,
Asyl hiç zadam bolmaz
Ýaşap ýörse Italmaz,
Nas, çilimden gutulmaz.

Gaýtalamak üçin:

Kejeňekligin goýmaz,
Nadaradygyn duýmaz,
Birmeňzeş jorap geýmez
Gelin ýa kempir söýmez,
Doň ýürekdir Italmaz,
Geň ýürekdir Italmaz.

II

Seretmäň-de işine,
Bakyň gyzyl dişine,
Ýetdi altmyş ýaşyna,
Emma gelmez huşuna
Ýaşap ýörsüň, Italmaz.
Gözli körsüň, Italmaz.

Gaýtalamak üçin:

Menden başga dosty ýok,
Abraýy ýok, posty ýok,

Duşmany ýok, kasty ýok
Pessi, asty-üsti ýok
Şeýle porruk Italmaz.
Sesi zorruk Italmaz.

III

Italmazda kelle ýok
Aýak-da ýok, el-de ýok,
Beýle sammyk ilde ýok,
Köpügi ýok, pul-da ýok
Dünýä gezýär Italmaz,
Arak süzýär Italmaz.

Gutarmak üçin:

Ýaşa, ýaşa Italmaz,
Gel sen joşa, Italmaz,
Gir sen duşa, Italmaz.
Iç sen çüýşe, Italmaz.
Meger Ýer şar satylar,
Hiç satylmaz Italmaz.

Golýazma Hudaýberdi Diwangulyýewiň özüniňki!

* * *

06. 04. 14

Hywanyň Mädemin hany türkmenleriň üstüne agyr leşgerli gelipdir. Gowşut han ýaşululary ýygnap maslahat edipdir. Uruşman, han bilen ylalaşmaly diýen netijä gelipdirler.
Emma Mädeminiň şertleri agyr bolsa-da, onuň birki sanysy bolar ýaly däl diýýär. Gowşut han parasatly adam eken. Inçeden gelen psiholog bolmaly. Uruşmaly bolsa urşalyň diýýärler. Şonda Gowşut han Hywa hanynyň düzüminde türkmenleriň üstüne hüjüm etmäge gelenleriň arasynda ýomut söweşijilerine serdarlyk edýän Amannyýaz serdara 2-3 jümleden ybarat hat göndermegi makul bilýär. Hat şo gije serdara gizlin gowşurylýar. Hat,

ine, şeýle mazmunda ýazylypdyr:
“Serdar, biz ertir söweş meýdanyna girýäs. Ýöne sizden bir haýyş biziň yzymyzda ýetim galjak aýal-gyzlarymyza, çagalara esewan bolaweriň!”
Şol hat Mädeminiň ýeňilmegine sebäp bolýar. Mädeminiň kellesi togalanýar.
Bu wakany maňa 90-njy ýyllaryň başlarynda akademiýanyň öňünde taryhçy alym Myrat Annanepesow gürrüň beripdi. (Ýalňyşmasam, 1-1,5 aý mundan öň Myrat aga ýogalan bolmaly). Ol:
– Allaýar, men türkmeniň taryhyny yzarlap köp arhiwlerde işlemeli boldum. Türkmeniň taryhyny türkmeniň ýazan ýerine gabat gelmedim. Ýöne ýaňky şojagaz hata arhiwde (haýsy arhiwdigini aýdanam bolsa aýdandyr, ýöne häzir ýadymda däl) gabat geldim.
Şo hat bölejigi türkmeniň ýazan ýekeje zady diýip aýtdy.
Ýaňy ýazyjy Atajan Taganyň (ol “Saragt galasy” romanynyň hem awtory) “Kyrk ýylda ýazylan kitap” atly ýatlama-essesini kompýuter wariantyna seredip otyrkam, ýazyjynyň “… Mädemin hanyň Sagartyň Pälizek depesiniň üstünde alnan kellesiniň Eýranyň “Hökümet derwezesi” diýilýän ýerinde jaýlanandygy hakynda taryhy maglumat bar. Onuň göwresini Gowşut hanyň buýrugy bilen göwdä salyp, Saragtdan Hywa eltip jaýlapdyrlar. Mädeminden başga-da kellesi bir ýurtda, göwresi başga ýurtda jaýlanan iki mazarly adam boldumyka?” diýen ýerini okap, Myrat Annanepesowyň maňa gürrüň beren Mädeminli wakasy ýadyma düşdi-de, şuny ýazgy etmegi makul bildim. Çünki bu waka örän tolgundyryjydy. Eger-de Gowşut han şo haty ýazyp ibermedik bolsady, Amannyýaz serdaryň hem şo haty okap, damaryndaky türkmen gany aňyna-ýüregine täsir etmedik bolsa, wakalar düýbünden başgaça, has-da aýylganç bolmagy ähtimal eken.

11. 04. 14

Özi mahal-mahal elime jaň edip duransoň, esli wagt jaň etmänsoň, Atajan Taganyň öýüne jaň etdim. 4-5 günlükde-de jaň edende, aýaly “Medeniýet ministrligine gitdi. Soň jaň edäýiň” diýipdi.

“Ýaňy Ahmet Gurbannepesi sorap gaýtdym” – diýdi. Ýatyr. Dilden-agyzdan galan bolmaga çemeli.
Atajan „Aýaklarym agyrýar” – diýdi. Men: “Akga, Aşyr aga diýip bir tanşym bardy diýdim. Atajan “Aşyr Mämiliýewmi. Oňam aýaklary erbet agyrýan eken” diýdi. “Ýok. Başga bir Aşyr aga. Ine, şol 80 ýaşynda. “Oglan ahyry, aýak nädip agyrmasyn. 80 ýyllap seniň göwräňi göteren aýak ahyr soňy agyrmaly bor-a” diýip degişýärdi – diýdim.
“Ýaşkiçilik edip jaň edeniňe sag bol, Allaýar” diýdi. Biz hoşlaşdyk.

11. 04. 14

O gün edarada ýazyjy Şirin Gurbanowa bir wakany gürrüň berdi: Ol birki ýyllykda ýüregini operasiýa etdirdi. Şonda bile bir palatada ýatan bir gelni kliniki ölüpdir. Haýdan-haý gelip ýetişen wraç Maksat Saparmyradow ony özüne getiripdir.
Soramaga gelniň ogly gelipdir. Oňa Şirin ýagdaýy aýdanda ol göwnübir ýaly, “Onda ol uzak ýaşamaz” diýip, hiç hili gynanman-zat etmän, jogap beripdir. Ýene bir gün ogly kiçijik bir çüýşede boržomy getiripdir. Ejesi oňa “Eliň agyrmadymy” diýipdir. “Men önümçilikde saglygymy ýitirdim. Maňa hökümet kömek puly berer” diýip ejesi aýdýar. Onuň “Maňa seniň puluň gerek däl. Kömek puly bilenem oňaryn” diýdigidi.
Soň Şirin keselhanadan çykypdyr. Günleriň bir güni ýadyna düşüp, saglygynyň ýagdaýy niçikk-ä diýip, palatadaş aýalyna jaň etse, telefonda onuň şu gün belli gününi – ýedisini belleýändiklerini habar beripdirler.
Näçe gynansaň-da, durmuşda şeýle wakalar az bolmaýar.

13. 04. 2014

Düýn dawleniýem 190/100 boldy-da, Serdarlar geldi. Ýatmaga şähere gaýtdym. 12-lerden soň daça, 12-nji kilometrde sowulsam, polisaýlaryň şlagbaumyndan geçdim. Daşhowuzly goňşy gelinlerim maşyny saklady.
Biriniň ärini poliseý ýygnapdyr. Oporna baryp aýtsam goýberjek ekenler. Pahyrlar başga zatlary bolmansoň, menden dalda

gözläpdirler. Men olary tanamaýandygymy aýdyp, bolsa-da oporna bardyk. Hiç kim bilen işi ýok goňşymyzy ýygnapdyrlar. Özünem ýakynda operasiýa etdiler diýsem, adyny, familiýasyny soradylar. Aýtdyk. “Oň ýaly adam ýok. Ony Çoganlydaky uçastoga iberdik. Hiç zat etmezler. Barmagyndan analiz gan alyp goýbererler, şo ýerik baraýyň” – diýdiler. “Başlyk gelýär. Köçede garaşyň” – diýibem gyssadylar. Köçeden aýaly ärine jaň etse, “Goňşy, Öre, ine, şu wagonyň içinde ekeni” diýdi. Gara wagonyň dem alar ýaly ne penjiresi bar, ne deşigi.
– Goňşy, bolýa, taňryýalkasyn, sizem ýoluňyzdan sowduk. Gidiberiň. Galanyny oňararys – diýensoň, gaýtdym.
Ine, hemme ýerde şunuň ýaly ýagdaý.
Alla saklasyn!
R. S.: Hawa, gaýtjak bolup durkam, gürleşen ýaş oglanlarymyzyň biri garaşyp duran maşyna ýöneldi.
– Häzir goýbereris – diýdi. Men:
– Oglanlar, beýtmäň ahyryn. Siz türkmen-ä – diýdim.
– Agam, ýüregimiň ýarasyny gozgamasana. Men şumat onuň ýerine bir oglan tutup geleýin. Onsoň goýbereris – diýdi.
Ine, saňa gerek bolsa…

15. 04. 14

Düýn professor Akmämmet Annaýew ogluny ýatlap, sadaka berdi.
– Ata-da (professor Ata Annaýew, medisina ylymlarynyň doktory, güýçli hirurg, medinstitutyň rektoram boldy) ysmaz ýatyr. Iki tarapam işlänok. Gözünem açanok – diýdi.
Ata Annaýew Akmämmediň agasy. Bile bir howluda ýaşaýarlar.

16. 04. 2014

General Kuropatkin 1925-nji ýylda Twer oblastynyň Şişerin obasynda 77 ýaşynda aradan çykypdyr.
Kuropatkin Gökdepe galasyny almaga gatnaşan.
Türküstan general-gubernatory bolan. 1905-nji ýylda Mugden söweşinde ýeňilendigi üçin goşunyň komanduýuşiliginden gyrakladylýar. Bolşewikler gelensoň Şişerin obasynda mekdep mugallymy hem kitaphanaçy bolup işläpdir.

Soldat komiteti 1917-nji ýylda ony türmä basýar. Wagtlaýyn hökümet ony türmeden boşadýar.
Seýitmyrat Öwezbaýewiň Gökdepe galasyndaky söweş hakda gürrüň berýän makalasynda (“Turkmenowedeniýe” žurnaly, 1927 ý.) Kuropatkin söweşden birnäçe ýyl geçenden soň türkmen obasyna aýlanyp ýörkä, bir türkmen ýaşulysyndan “Söweşde näçe türkmen wepat boldy” diýip sorapdyr. Türkmen ýaşulusy “Üç adam wepat boldy” diýip jogap beripdir. Soraga düşünen däldir ýa-da kerdir diýip ol ýene soragyny gaýtalapdyr. Ýene-de şol jogap diýýär. Şonda Kuropatkin olaryň kimlerdigini sorapdyr. Ýaşuly Amangeldi Gönübegiň, Berdimyrat hanyň, ýene-de bir adamyň adyny (ady ýadyma düşenok) agzapdyr. “Bulary indi hiç bir türkmen enesi dogurmaz” diýipdir. Ýatlamalar